# Terakta hakyky synanyşykmy, iş beýle añsatmy?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Terakta hakyky synanyşykmy, iş beýle añsatmy? TERAKTA HAKYKY SYNANYŞYKMY, IŞ BEÝLE AÑSATMY?



Bu amerikan prezidentine atylan ilkinji gülle däl. Käbirleri munuñ netijesinde öldi, käbirleri-de Hudaý dik sowup, diri galdy. Syýasy terakt bilen ölen iñ meşhur prezidentleriñ arazynda gullary azatlyga çykatan we ýurdy birleşdiren gahryman Awraam Linkoln, ondan soñam Garfield, Makkinli, Kennedi dagy bar. Gülleden aman sypan iñ meşhur prezidentleriñ başynda-da Teddi Ruzwelt we Ronald Reýgan bar. Reýgan prezident Donald Trampyñ atdaşy. Trampam edil atdaşy ýaly çekgesindäki saçynyñ ujuny syryp geçen okdan aman sypdy. Muña mañlaýyñ gudraty diýilýär. Mundan öñ prezident Ruzwelte-de goltuk jübüsindäki äýneginiñ daşlygy we karty sebäp bolup,

diri galypdyr. Bu boýunça gürrüňsiz başynda-da, soňunda-da Allanyň buýrany bolýar.
*Kime bir ýerde ölmek ýazylan bolsa,*
*Şondan başga hiç ýerde ölmez!*

Emma ýurduň «milli aýratynlygynyň» üstünden ABŞ-da we ýurduň daşynda bolup geçýän gapma-garşylygyň çuňlugy we howpy, syýasy duşmançylygyň eden-etdiligi we yzygiderliligi bilen garşydaşy «şeýtanlaşdyrma» sebäpli käbir «ýörite» düşünjeli adamlar ýagdaýyň bular ýaly, ýagny şowsuz hakyky terakta synanşykdygyna ynanmadylar. Şonuň üçinem hemişeki tradision çykalgany saýlap aldylar: her biriniň öz tilsimleri bilen formulirleýän komplimasiýa teoriýalary.
Demokratik partiýanyň aktiwisti, milliarder Rid Hoffmanyň geňeşçisi, «LinkedIn» sosial torunyň esaslandyryjy şärikdeşi we köpüsi Demokratik partiýanyň kandidatlaryna birgiden maliýe kömegini eden Dmitriý Melhorn amerikan metbugatynda çykan habarlara görä käbir žurnalistlere, Trampa simpatiýa bildirýän tarapdarlara ýollan email-inde «Trampyň bu kartinany alyp nägileliklerden peýdalanmasy üçin munuň (ok atmagyň) ýörite guralan, hatda belki-de spektakl bolmagynyň mümkindigini» aýtdy. Melhorn ýazan sözleriniň döreden gazaply sensassiyasyndan soň yza tesip, munuň üçin ötünç sorady.
Demokratik partiýanyň Missisipi ştatyndan Wekiller palatasynyň agzasy Penni Tompsonyň assistenti Žaklin Marso bolsa soňundan öçürmezden öň ýekşenbe güni «Facebook» hasabynda batyrlyk satýardy. Ol şeýle ýazypdy: «Terakty amala aşyran raýat indiki gezek awuny sypdyrmazlygy üçin ok atyşdan tälim alsa gowy bolar, ýöne men munuň öňünden guralan oýundygyny pikir edýärin». Kärdeşi ýaly olam bu howply samsyklaçlygy şobada öçürdi.
Respublikanlara aç-açan duşmançylyk edýän amerikan mekdebindäki okuwçylaryň hadysany teatrlaşdyryp, Trampyň ganyny bolsa ketçup pürküp janlandyran wideosyna hut özüm tomaşa etdim.
Beyleki bir ýandan Trampyň janyna kast etmäge synanyşylmagy ony arşa çykardy. Mysal üçin, onuň yüzüne gan bulaşan we

ýumrugyny bulaýlaýan suraty, ýüzüne «Ok geçmezek», «Legendarlar ölmeýär», «Ok meni has güýçli edýär’ ýazgylar basylan şortilerdir köýnekçeler rekord derejede satyldy. Hadysany tersligine pikir edip göreliñ. Bu terakt synanyşygy halk köpçüligine açyk ýerde Baýdene garşy bolan bolsa näme bolardy?!
Trampyñ gatlagyndan aktiwistleriñ we respublikanlaryñ şobada mundan şübhelenjeginden we munuñ demokratlaryñ toslama spektaklydygyny aýtjakdyklaryndan şübhelenmeýärin.
Beýleki zatlaryñ ýany bilen, munuñ özi ýurtdaky bölünişigiñ düýplüdigi, häzirkizamanyñ iñ uly mif döredijisi we ýaýradyjysy bolan sosial mediýanyñ hemaýaty bilen jemgyýetçilik ugrunda ýönekeý adamlaryñ we olar bilen birlikde dikdüşdi we komplimasiýaçy oý-pikirlere eýe adamlaryñ medeniýetiniñ agalyk sürýändigini añladýar.

Mişari ZEÝDI,
Saud Arabystanly žurnalist.

Sişenbe, 16.07.2024 ý. Publisistika